# Piskarýow gonamçylygy hakynda oýlanma

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Piskarýow gonamçylygy hakynda oýlanma PISKARÝOW GONAMÇYLYGY HAKYNDA OÝLANMA

Ýarym million ýürek ýatyr bu ýerde,
Hatyrasyn saklap dymalyñ birdem.
Eşidilip dur olañ ýürek owazy,
Sowuk daşlañ aşagynda bu ýerden.

Tebigatam bu mazarlañ üstüne
Galyñ gary bilen edipdir engam
Sowlanmadyk ömürleriñ dowamy
Güller mazarlara ýagyp dur diñmän.

Ýaşyl ýaglyk atynanda bu baglar,
Garlar erär ýuwar mazar daşlaryn.
Ýuwaşjadan süýşüp gelen bulutlar
Aglap-aglap döküp gider ýaşlaryn.

Newañ ýürek tolkunlaryn sypalap,
Ýelleriñ mañlaýam muña direler.
Olaryñ ýetmedik arzuwlaryny
Ýüreginde göterip ýör diriler.

Gar basan Piskarýow gonamçylygy
Ýowuz ykballaryñ tutupdyr ýasyn.
Ýatyr, sowuk daşlañ astyndakylar
Entegem ýatladyp gabawdakysyn…

Miwe TUWAKBAÝEWA. Goşgular